# Men horlugyñ perzendi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Men horlugyñ perzendi

MEN HORLUGUŇ PERZENDI

Dumly-duş ümürli,
Dumly-duş duman,
Entagem ýagtysyn
Saçanok asman.

Bertolt Brecht (1898-1956),
nemes dramaturgy, şahyr.

* * *

Men garamaýaklaryň
Derleriniň astyndan gürleýän.
Hor-homsulyk siňen,
Çökgün ýürekleriň
Damarlarynda gygyrýan.

Men iş, alada.
Gündelik bir öýuň
Döwüm çöregi.
Wah! Olam ýok!
Onda men ýene
Kaňkanlaryň
Ökjesniň gahary!

Men hiç ýere
Siňmedik perýat
Men näbelli ykbal
Bahasyz zürýat!

Men mydam gyrçalýan,
Kesmekli ýagyr.

Dem-bu dem garalan,
Garalýan
Bagyr.

Men gyş paslynyň
Peçleriniň tüssesine siňen,
Haraba, açlyk.
Men agar-agarda!
Bir jygyllan araba.

Men bir işsizligiň
Takyrdan öýi.
Horlukdan,
Kaňkalykdan,
Aňtanlariň
Aňsyz maksady!

Men ene-atalaň
Nasazgä□rligi.
Ýönekeý dörtgyraň
Sadaja öýüň,
Aňňalan
Çagasy,
Aňtan perzendi.

Men taýak!
Ýenjilen gelin,
Ýyrtylan surat,
Zyňylan esbap,
Men talak!
Kirlenen geýim.

Men manysyz posa
Köçeden akýan.
Men söýgüden ogryn
Haýamy satýan!

Bir uzyn köçäni ýuwudyp bilýän,
Men gara tüssäniň,

Garalan ogly.
Garalan dodagy,
Gyzaran gözi,
Titreýan eli.

Men ýalan,
Ketjallyk,
Söýgi, mekirlik,
Men terror!
Awara,
Hadysa, bir dem!
Men ogurluk,
Garaňky diwar,
Aňyrsy
Mazar.

Men bärde ölümiň,
Satylýan guly.
Oýunjak gurjagy,
Ynsapsyz horluguň,
Azajyk pursat
Göz açan perzendi
Kyn gün görjegi!

Dumly-duş ümürli,
Dumly-duş duman,
Entagem ýagtysyn
Saçanok asman.

■ GIJE

Gara örtügini örtende Gije,
Uklaýar şäher, göwresi bile.
Şondan soň
Iň näzik  hudysy bile,
geçelge-de
Çatryklar-da
Köçede

Bam üstünde
Howuzlarda
Bakjada

Başga bir
Ýatmazak bir janly göwre,
Şöwür çekýär!
Bu uly şäheriň
Arasy bilen.

Gapur HOJA.

Goşgular